# Çymçyk we mäjik

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çymçyk we mäjik ÇYMÇYK WE MÄJIK



Tamyň üçegininiň aşagyna serçeleriň çüňklerine çöp-çalam, ýelek-per we sapak bölejigini alyp höwürtge gurunýandygyny bilýärdim. Goňşymyzyň çypar pişigi indi birnäçe gündir serçeleriňhereketlerini birin-birin yzarlaýardy. Pursatyny tapsahöwürtgä aralaşmakdy.  Ýöne ol adam gördigi  bu ýerden gaçyp zym-zyýat bolýardy.
Bir gezek çypar pişik töwekgel hereket edip höwürtgä golaýlady. Şonda çymçyk bilen mäjik howsalaly jürküldeşip aýgytlyherekete geçdiler. Şonda olara beýleki serçeler hem ýardama geldiler. Guşlaryň toparlaýýn hüjüminden goranjak bolan çypar pişik şonda deňagramlylygyny ýitirip,tüwdirilip

başaşak gaýtdy.
Soňky gezek bolan wakanyň ahyry tasdanam pajyga bilen tamamlanypdy. Höwürtgä golaýlan çypar pişigi görende ala köpek “wawflap” göýberdi. Şonda çypar pişik tisginip, şol ýerden kelemenläp ala köpegiň öňüne patlap düşdi we tasdanam ganymynyň girisine düşüpdi. Oltüýlerini hüjjerdip zordan başyny gutardy. Şol wakadan soňra çypar pişigi höwürtgäniň golaýynda gören bolmady.
Ir säherde til siminde seteran oturyp jürküldeşýän serçeleriň sany öňküsinden has köpelipdi. Ene serçeler jüýjelerine uçmagy-gonmagy öwredýärdiler. Serçe çagalary tiz ulaldylar we olary hossarlaryndan tapawutlandyrmak kyn boldy.
Güýz çigregi düşende serçe maşgalasy kowumdaş sürä goşulyp ýyly ýurtlara uçup gitdi.

## • DÜÝE WE ÝYLAN

Ala ýylan düýäni ilkinji gezek görýärdi. Ol düýäniň boýnunyň egriligine haýran galypdyr:
– Özümden özge egri jandar bardyr öýdemokdym. Seniň boýnyň meniňkiden has egri, üstesine biliň-de büküր eken–diýip, çölde otlap ýören düýä ýüzlenipdir.
Ýylynyň sözlerine düýe birjikde pitiwa etmändir we tiz wagtdan ýandak gözleginde ýola düşüpdir Ala ýylan. şonda onuň yzyndan garap duruşyna:
– Düýe ýörände boýny gönelip, egriligi ýitrim bolýar eken. Men ýöresem-de, ýatsam-da şol egriligim diýenmiş – diýip, kemsinenmiş.

Şahymerdan SARY OGLY. Hekaýalar